**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

**– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!**



# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRON NEWSPAPER

*Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty*

№2 (52) 2023-nji ýylyň 20-nji ýanwary

*Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar*

## GREAT CONFIDENCE COMES WITH GREAT RESPONSIBILITY

***A nation is a community of people formed on the basis of a combination of shared features such as language, history, ethnicity, culture, the society, and the youth is the backbone of any nation. Youth can play an important role in the development of the country.***

They are the important segment of the society and youth can play a vital role in the development of the society and hence they determine the future of any given society. This is because all other age groups, the childrens, teenagers, middle aged and the senior citizens rely on the youth and expect a lot from them. This makes the youth to be an important age group in both today's society and the future society than other age groups. Therefore, due to the high dependence on youth in the society, the youth of the any given country have a role to play because the future of their families, communities and the country lies in their hands. The role of the youth is simply to renew, refresh and maintain. Youth have a role to renew and refresh the current status of our society including leadership, innovations, skills etc. Youth are expected to advance the current technology, education, politics, and peace of the country. On the other hand, youths have also to maintain the basis of our culture, all good values in the societies, development projects, etc.

In our Independent and permanently Neutral State youth are having great opportunities to shine and to show their abilities. Fortunately, under the leadership of our Esteemed President, there is bunch of opportunities, professional training institutes, and awareness for

2



*Syýasy teswir*

## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

***Asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan bäş müň ýyllyk taryhyň dowamynda türkmen halky dünýä medeniýetiniň ösüşine uly goşant goşmak bilen, halkymyzyň milli binagärlik ýörelgelerini ösdüripdir. Muny 15-nji ýanwarda Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy, Hormatly il ýaşulusy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Arkadag şäherine amala aşyran iş saparynyň dowamynda hem aýdyň görmek bolýar.***

Iş saparynyň dowamynda şäheriň çäginde gurulmagy meýilleşdirilýän täze metjidiň şekil taslamalary bilen tanşanyndan soň, hajy Arkadagymyz metjit gurmagyň edil ýol we köpri gurmak ýaly sogap işdigini aýdyp, bu asylly ýörelgeleriň häzirki döwürde zamananyň ruhuna kybap dereje ösdürilýändigini kanagatlanma bilen belledi. Şeýle hem Gahryman Arkadagymyz welaýatyň baş metjidiniň gurluşygyna ýaşulular we hünärmenler bilen maslahatlaşyp, sähetli gün badalga bermek hem-de şu mynasybetli toý sadakasynyň geçirilmegi babatda maslahatlaryny berdi.

Halkymyzyň arasynda bir işiň başy tutulanda Geňeş gurap, sala salşyklary geçirmek, gadymdan gelýän asylly däpleriň biri hasaplanylýar. Şoňa laýyklykda, 16-njy ýanwarda Türkmenistanda Saýlawlary geçirmek boýunça merkezi toparyň nobatdaky mejlisi geçirildi. Ol Mejlisiň ýedinji çagyrylyşynyň deputatlarynyň, welaýat, etrap we şäher halk maslahatlarynyň bäşinji çagyrylyşynyň agzalarynyň, Geňeşleriň dokuzynjy çagyrylyşynyň agzalarynyň saýlawlaryna taýýarlyk görmek baradaky meselelere bagyşlandy. Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisiniň Kararyna laýyklykda, bu möhüm jemgyýetçilik-syýasy çäräni 2023-nji ýylyň 26-njy martynda geçirmek bellenildi.

Häzirki wagtda ýurdumyzda ýazky ekiş möwsümine ýokary derejede taýýarlyk işleri görülýär. Muňa 16-njy ýanwarda hormatly Prezidentimiziň oba hojalyk we daşky gurşawy goramak

2




### Конференция «Счастливая молодежь с Аркадаг Сердаром: поколение, достойное священного доверия»

14 января 2023 года в Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана была проведена конференция под лозунгом «Счастливая молодежь с Аркадаг Сердаром: поколение, достойное священного доверия», приуроченная девизу нового 2023 года «Счастливая молодежь с



Аркадаг Сердаром». Конференция состоялась при участии представителей Халк Маслахаты и Меджлиса Милли Генгеша Туркменистана, Министерства образования, Демократической партии Туркменистана, Аграрной партии Туркменистана, Партии промышленников и предпринимателей, Организации Профсоюзов, Центрального Совета Союза женщин и Молодежной организации Туркменистана имени Махтумкули, а также преподавателей и студентов вуза.

### Essay-Writing Competition Winners

On January 13, 2023, the Turkmen Institute of National World Languages named after D.Azady awarded the winners of essay-writing competitions.

According to the results of the competition, Baynazar Nepesov, 3rd-year student of the Faculty of International Relations won the grand prize, Kerim Baymyradov, 2nd year student of the same faculty won the second place, and Kuwwat Mamedov, 4th year student of the Faculty of



International Relations and Kerven Babayev, 1st year student of the Faculty of International Law won the third place. Also, Yusup Karatayev, 2nd year student of the Faculty of International Law and Annaberdi Kashanov, 2nd year student of the Faculty of International Journalism were also awarded with the Certificate of Honor.

***«Ýaş diplomatyň sesi».***

*Syýasy teswir*

# HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

1 ◄

ministriniň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda geçiren sanly ulgam arkaly iş maslahaty hem aýdyň şaýatlyk edýär. Onda döwletimizi durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna hem-de Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, ýurdumyzyň welaýatlarynda alnyp barylýan möwsümleýin oba hojalyk işleri bilen baglanyşykly meselelere garaldy.

Türkmen halky irki döwürlerden bäri dowam edip gelýän goňşuçylyk däplerine häzirki wagtda hem ygrarlylygy dowam etdirýär. 17-nji ýanwarda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň we Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putiniň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik geçirildi. Mähirli salamlaşykdan başlan söhbetdeşligiň dowamynda taraplar Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň Başlygy Mihail Mişustiniň 19-20-nji ýanwarda ýurdumyza meýilleşdirilýän saparyna aýratyn ünsi çekdiler. Bu saparyň barşynda ýokary derejedäki gepleşikleri geçirmek, resminamalaryň birnäçesine gol çekmek, iri işewürlik maslahatyny hem-de köp sanly ikitaraplaýyn duşuşyklary geçirmek meýilleşdirilýär.

18-nji ýanwarda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde Daşary işler ministri Raşid Meredow Katar döwletiniň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Hamad bin Raşid bin Hamad Al-Azbi bilen duşuşdy. Duşuşygyň dowamynda halkara we sebit guramalarynyň çäginde iki döwletiň arasyndaky hyzmatdaşlyga, onuň hukuk binýadyny giňeltmek meselelerine üns berildi. Şeýle diplomatik duşuşyklaryň yzygiderli geçirilmegi demokratik, hukuk we dünýewi döwlet bolan Türkmenistanyň halkara gatnaşyklarynda özüniň bitaraplyk syýasatyny durnukly dowam etdirýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

***Humaý ATAÝEWA,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň talyby.***

# GREAT CONFIDENCE COMES WITH GREAT RESPONSIBILITY

1 ◄

youth in the country. Our younger generation can participate in the state level and international Olympiads and show their potentials to whole world.





According to the state policy about youth, educated youth has greater work chances; they are able to participate in the country's development because there is a high quality education, and textbooks, policies across the country. There is proper training institutes in the country where students can get professional training for their careers. Furthermore, the implementation of programs in youth policy has gained a new dynamic in our country. Here I want to highlight about partnership between United Nations Organization and Turkmenistan. As it is known, as being one of the members of this international organisation, Turkmenistan continues its efforts to empower and strengthen the role of United Nations as the only world and reaffirming recognized international law rules and Charter of the United Nations as the conceptual political and international basis for international relations. In this regard, Turkmenistan reaffirms its line of strategic partnership with the World Organization on youth. Indeed, UNO, building on its unique global convening role, its mandate to serve the world's people's and its role as a partner, is uniquely placed to act as



a source of protection and support for young people and a platform through which their needs can be addressed, their voice can be amplified, and their engagement can be advanced. In the scopes of UN Resolutions which were adopted in different years, the great progress has been made on the implementation of Youth 3030: The United Nations Youth Strategy to address the needs of youth and fulfil their potential as agents of change, as well as the Generation Unlimited global partnership, which is aimed at ensuring that every young person has the opportunity for education, learning, training or employment. ***According to the Resolution adopted by the General Assembly on 16 December 2021, the GA urges Member States to protect, promote and fulfil the realization and full enjoyment by all young people of all Human Rights and fundamental freedoms, in the implementation of the World Programme of Action for Youth, while ensuring that youth policies and programmes and their planning, design, implementation, monitoring and review include the views, perspectives and priorities of youth.*** In this regard, Turkmenistan pays special attention to the development of youth, and State Program for 2021-2025 is clever evidence of the state's concern for youth. The national youth policy is being improved and the country's actions to involve young people in various activities are highly respected. An example of joint work was the adoption of a new version of the Law of Turkmenistan "On State Youth Policy" dated September 1, 2022, which defines the main directions of youth policy.

***(To be continued).***

***Akgozel RASULOVA,***
***the 3rd year student of the Faculty of International Relations of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan.***

# ЛУЧШИЙ МОЛОДОЙ УЧЕНЫЙ СНГ

С учётом огромной определяющей роли в дальнейшем устойчивом и всестороннем социально-экономическом развитии моей Отчизны, укрепления её лидерских позиций на мировой арене, молодёжь всё в большей степени приоритетом национально-государственных интересов.

Как известно, в нашем институте функционирует Учебный центр по приоритетным направлениям дипломатии Туркменистана, содействующий научному изучению общечеловеческой значимости деятельности и инициатив Уважаемого Президента в энергетической, транспортной и водной направлениях внешней политики.

С 2017 года действует Научно-методический центр по Целям устойчивого развития, в рамках которого студенческая молодежь ведет активную работу по популяризации и продвижению ЦУР.

Хотелось бы отметить, что прошлый 2022 год был для меня одним из самых богатых на достижения и победы, мне посчастливилось стать победителем международного проекта «Лучший молодой ученый СНГ», организатором которого выступила Международная ассоциация молодых ученных при поддержке общенационального движения "БОБЕК". Наша научная работа под руководством профессора Амангельды Рахманова на тему "Роль превентивной дипломатии в обеспечении региональной безопасности: позитивный опыт Туркменистана в решении региональных и глобальных проблем" была высоко оценена членами жюри конкурса и удостоена диплома победителя, а также нагрудной медалью "Лучший молодой ученый СНГ".



Наша работа также одержала победу в конкурсе научных работ среди молодёжи Туркменистана, организованной Центральным советом Молодежной организации Туркменистана имени Махтумкули и Академии наук Туркменистана. На данном конкурсе я выступил с научной работой на тему «Превентивная дипломатия - надежный защитник национальных интересов».

Международный авторитет Туркменистана неуклонно возрастает, и страна получает широкое признание как государство, объединяющее и мотивирующее глобальные усилия во имя мира, безопасности и стабильности в регионе и в мире. Учитывая позитивный опыт туркменского Нейтралитета и его активную позицию в консолидации усилий в деле обеспечения устойчивого развития, было решено разместить в туркменской столице штаб-квартиру Регионального центра ООН по превентивной дипломатии для Центральной Азии.

Девиз 2023 года – «Счастливая молодежь с Аркадаг Сердаром» наглядно демонстрирует единство народа, поддержку молодым поколения проводимый политики своего Президента, под руководством которого в эру Возрождения новой эпохи могущественного государства приумножаются успехи и достижения родной Отчизны.

Пользуясь случаем, от имени молодёжи Туркменистана и от себя лично выражаю слова искренней благодарности в адрес уважаемого Президента, а также Героя-Аркадага за созданные широкие возможности для молодёжи учиться, созидать, заниматься наукой и развитием.

Желаем уважаемому Президенту, а также Герою-Аркадагу крепкого, здоровья долгих лет жизни и успехов в масштабной государственной деятельности во имя мира, прогресса и процветания Независимого, Постоянно Нейтрального Туркменистана.

***Сердар РАХЫМОВ,***
***студент IV курса факультета международных отношений института Международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана.***



*Слово дано человеку на то, чтобы скрывать свои мысли.* ***Шарль Морис де Талейран-Перигор***

*Выдающийся дипломат умеет держать язык за зубами на десяти разных языках.* ***Генри Уоттон***



*Международная стандартизация — стандартизация, участие в которой открыто для соответствующих органов всех стран на Земле. Стандартизацией является деятельность, направленная на достижение упорядочения в определённой области посредством установления положений для всеобщего и многократного применения в отношении реально существующих и потенциальных задач. Эта деятельность проявляется в разработке, опубликовании и применении стандартов.*

# МЕЖДУНАРОДНАЯ СТАНДАРТИЗАЦИЯ И СЕРТИФИКАЦИЯ

Процесс международной стандартизации начался с электротехнической области. Международная электротехническая комиссия (*International Electrotechnical Commission — IEC*) была создана в 1906 г., а первые работы в других областях стали проводиться Международной федерацией национальных ассоциаций по стандартизации (*International Federation of the National Standardizing Associations — ISA*), учрежденной в 1926 г. Особый акцент в рамках ISA был сделан на машиностроение.

Вслед за встречей в Лондоне в 1946 г. представители национальных организаций по стандартизации — 25 стран решили создать новую международную организацию, целью которой будет развитие международной координации и объединение промышленных стандартов. Новая организация — ИСО — официально начала функционировать 23 февраля 1947 г., А первый стандарт ИСО был выпущен в 1951 г. и назывался «Стандартная температура для промышленного измерения длины» («Standard reference temperature for industrial length measurement»). Всего с момента создания было опубликовано 19 977 международных стандартов. Стандарты — это документируемые соглашения, содержащие технические условия или другие точные критерии, применяющиеся как правила, принципы и характеристики для гарантии того, что материалы, продукты, процессы и услуги соответствуют своему назначению.

**Стандарты — это документируемые соглашения, содержащие технические условия**

При создании организации и выборе ее названия страны-учредители сочли целесообразным, чтобы аббревиатура наименования звучала одинаково на всех языках. В этой связи было решено использовать греческое слово isos — равный, вот почему на всех языках мира Международная организация по стандартизации имеет сокращенное название ISO. В английском варианте — это International organization for standartization (ISO). В русском варианте это соответственно звучит как ИСО. Официальные языки ИСО — английский, французский и русский. На русский язык переведено около 70% всего объема международных стандартов ИСО. Штаб-квартира ИСО находится в Женеве.

***Международная сертификация*** является экспертизой, которая подтверждает качество продукции или услуги согласно иным (отличающимся от российских) стандартам качества. Обоснование качества товара или услуги выдается в письменном виде. Благодаря международному сертификату ИСО, появляется отличная возможность увеличения прибыли компаний за счет экспорта продукции на международный рынок.




Для проведения международной сертификации, необходимо подать заявку в экспертное учреждение, а именно, в Международную комиссию. Процедура довольно длительная и дорогостоящая. Все эти сложности обусловлены высокими требованиями, производитель должен доказать, что его продукция соответствует мировым стандартам качества. В случае успешного прохождения процедуры сертификации, товар маркируется значком CE, который сообщает покупателю о наличии у данного товара международного сертификата.

*Сульгун НЕПЕСОВА,*
*Предподаватель*
*Института международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана.*



*Täze ýylda täze goşgy okalyň!*



Baba SARY,
şahyr.

# ŞOL GÜNLER

*Mekdebiň daşyndan aýlanmaklygyň,*
*Okaýarkak gyzygy bir başgady.*
*Süýji arzuwlara siňip gidemde*
*Hakyda şo:l günler gelip başlady.*

*Diňe oglanlar däl, eýsem, gyzlaram,*
*Howlugardy jaňyň kakylaryna.*
*Nämäni aňtadyk, näme gözledik,*
*Garaşdyk bir zadyň tapylaryna.*

*Ene ýabam uzak däldi mekdepden*
*Şondan gözbaş alan aryk akardy.*
*Ol mekdebi bezäp duran baglary,*
*Üzümleri, almalary ýakardy.*

*Arassady mekdebiň giň meýdany,*
*Ýeterlikdi baglaryňam saýasy.*
*Lezzet alyp serederdik, hemme zat*
*Görnüp durdy, edil eliň aýasy.*

*Çagakag-a topar bolup aýlandyk,*
*Soň-soňlar-a iki-üçe ýetipdik.*
*Çünki juwanlygyň ýelgini çalyp,*
*Ýakymlyja, syrly gürrüň edipdik.*

*Indi gyzlaryňam bakyşlarynda,*
*Birhili üýtgeşik many bar ýaly.*
*Kalby gaplap alasarmyk duýgular,*
*Ýüwürýärdi ýaşlygymyzyň hyýaly.*

*Obaň iň owadan gyzlarnyň biri,*
*Okaýar ekeni bir synp ýokarda.*
*Şol gyza diýäýjek-diýäýjek boldum,*
*«Ýüregimi alyp gidäý goparda».*

*Diýmek weli kyn ekeni baý-baý-ow,*
*«Söýýäni» däl, «Salamam» başarmadym.*
*Kagyzda sünnäläp sözleriň gowsun,*
*Ugratdym.*
*Söýýänligim ýaşyrmadym.*

*Şeýle bir tiz geçýän günler birhili,*
*Tüýdülip-tüýdülip juda uzady.*
*Şol tagamsyz, ýümpyk günleň birinde,*
*Ýürek towsup, Arşa sary dyzady.*

*Çünki şo:l owadan, asylly gyzdan*
*Getirdi jora gyz ajaýyp jogap.*
*Jora gyza alkyş aýdyp, bälçiräp,*
*Diýdim: «Gazandyň sen uly bir sogap».*

*Ýaşlygyň ýakymly ýatlamasyndan*
*Çaky boldy öýdýän aýňalmaklygyň...*
*...Okaýarkak gyzygy bir başgady*
*Mekdebiň daşyndan aýlanmaklygyň.*

# GEÇMIŞ AÝDYŇ ŞÖHLELENDIRILDI

Halkymyzyň ruhy ýörelgelerine görä, nesilbaşymyz Oguz handan miras galan ok-ýaý gadym döwürlerden bäri diňe bir esgerleriň ýarag esbaby bolman, eýsem, ýaý — patyşa, peýkam bolsa ilçi diýmegi aňladypdyr. Şeýlelikde, bu jümleler gymmatly filosofik pikirlere ýugrulandyr. Häzirki wagtda ok-ýaý filosofiýasy parahatçylygyň kepili hökmünde giň gerime eýe bolýar. Ýakynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda Ýaş diplomatlar mekdebiniň agzalarynyň arasynda geçirilen «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň II möwsüminiň 2-nji oýny hem hut şu ýörelgäniň mynasyp dowamy boldy. Bu akyl-paýhas bäsleşiginiň Ak öýde gurnalan sekizburç halynyň üstünde hem-de Oguz hanyň ok-ýaýynyň mysalynda, peýkam kimin öňe we dogry ýola gitmegiň filosofiýasyna ýugrulyp geçirilmegi milliligiň ýene-de bir ýüze çykmasy boldy.

Bäsleşigiň I möwsüminiň her oýnuna orta mekdebiň ýokary synp okuwçylarynyň sekiz sanysy gatnaşyp, sekizburçly halyda, hersi bir burçunda durup çykyş edipdiler. Bäsleşigiň II möwsüminde bolsa sekizburçlugyň her burçunda iki okuwçynyň çykyş etmegi bäsleşige gatnaşmaga höwesli mekdep okuwçylarynyň barha köpelýändigini aýdyň görkezýär.

Men hem mekdep partasyndakam bu bäsleşigiň 8-nji oýnuna gatnaşdym. «Oguznamalardaky» rowaýatlara görä, Oguz han altyn ok-ýaýyny bukup, ony tapmaklygy nesillerine wesýet edip giden bolsa, bäsleşige gatnaşyjylaryň ýeňişleri şol altyn ok-ýaýyň, edil şonuň ýaly-da ýaşlaryň öz ykballarynyň, bagtynyň tapylmasy boldy. «Yhlas bilen aglasaň, sokur gözden ýaş çykar» diýlişi ýaly, I möwsümine gatnaşan mekdep okuwçylarynyň dokuzysy Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň talyby bolmak bagtyna eýe boldy. Meniň hem şol «9-lygyň» içinde bolmagym göwün guşumy ganatlandyrýar. Bu bäsleşigiň ykballary özgerdiji bäsleşikdigini aýdyp bilerin.





Ýakynda geçirilen bäsleşigiň II möwsüminiň 2-nji oýnunyň «Gadymy Hytaý siwilizasiýasy: köpdürli medeniýetiň birleşdiriji kuwwaty» diýen temada geçirilmeginiň özboluşly manysy bar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda türkmen-hytaý gatnaşyklary dürli ugurlarda işjeňleşdirilýär, iki ýurduň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar has-da pugtalanýar. Bäsleşigiň 2-nji oýnunda Ak öýüň içiniň bezeg işlerinde hytaý esbaplarynyň ulanylmagy ony synlanlary bir pursatlyk Hytaý siwilizasiýasyna syýahata aýlaýar.

Bäsleşige baha bermekligi «Pähimdarlar geňeşiniň» agzalary — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň dosenti, Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Çary Nyýazow, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Arheologiýa we etnologiýa kafedrasynyň uly mugallymy, taryh ylymlarynyň kandidaty Bike Diwangulyýewa, Türkmenistanyň Ylymlar Akademiýasynyň Taryh we arheologiýa institutynyň uly ylmy işgäri Serdar Maşrykow dagylar ýerine ýetirdiler.

Bäsleşigiň guramaçylykly geçirilmegine Türkmenistanyň Milli ýaý atyjylyk federasiýasy, Türkmenistanyň Ylymlar Akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar instituty, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi, «Abadan haly» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti, «Muhammet Balkan» hojalyk jemgyýeti, «Aýbölek» mebel kärhanasy, «Aýdyň gijeler» hojalyk jemgyýeti, ýakyndan ýardam berdiler. Ýaryşyň ýeňijilerine we ähli gatnaşyjylara Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşi tarapyndan sowgatlar we institutymyzyň Hormat hatlary gowşuryldy. Bäsleşigiň ýeňijileri «Aýdyň gijeler» hojalyk jemgyýetiniň gymmat bahaly sowgatlary bilen sylaglanyldy. Şeýle-de bäsleşige gatnaşyjylara Hytaý Halk Respublikasynyň Türkmenistandaky ilçihanasy tarapyndan gymmat bahaly ýadygärlik sowgatlar hem gowşuryldy. Çekeleşikli geçen bäsleşigiň netijelerine görä, Aşgabat şäherindäki 16-njy orta mekdebiň 11-nji synp okuwçysy Mekan Agahanow, Balkan welaýatynyň Balkanabat şäherindäki iňlis dili, fizika we matematika dersleri çuňlaşdyrylyp öwredilýän ýöriteleşdirilen 22-nji orta mekdebiň 11-nji synp okuwçysy Gülsere Garryjaýewa, Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherindäki 24-nji orta mekdebiň 10-njy synp okuwçysy Anwar Bekçanow, Mary welaýatynyň Mary şäherindäki iňlis dili we ynsançylyk ugurly okuw dersleri çuňlaşdyrylyp öwredilýän ýöriteleşdirilen welaýat mekdebiniň 10-njy synp okuwçysy Güljan Serdarowa bäsleşigiň ýeňijileri diýlip yglan edildi. Ýeňijiler bäsleşigiň jemleýji ruhy serpaýy hökmünde sekizburçly halynyň merkezindäki Oguz hanyň ok-ýaýynyň ýanyna gelip, ýaý-peýkamy galdyrmak dessurlaryny ýerine ýetirdiler.

Ýaryşyň ýeňijilerine we ähli gatnaşyjylara Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşi tarapyndan sowgatlar we institutymyzyň Hormat hatlary gowşuryldy. Bäsleşigiň ýeňijileri «Aýdyň gijeler» hojalyk jemgyýetiniň gymmat bahaly sowgatlary bilen sylaglanyldy. Şeýle-de bäsleşige gatnaşyjylara Hytaý Halk Respublikasynyň Türkmenistandaky ilçihanasy tarapyndan gymmat bahaly ýadygärlik sowgatlar hem gowşuryldy.



***Aýnur HUDAÝBERGENOWA,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň***
***I ýyl talyby.***



*Взаимное доверие — основа дружбы.*

*Не выстрелишь стрелой, потерявшей оперение: трудно жить человеку, потерявшему друзей.*

*Китайская пословица*

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRON NEWSPAPER

Baş redaktor
**Taňryberdi MYRATLYÝEW**

**Baş redaktoryň orunbasarlary:** M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow
**Jogapkär kätip:** B.Garaýew
**Jogapkär kätibiň orunbasary:** A.Kaşaňow
**Kätip:** A.Nobatowa
**Bölüm müdiri:** A.Ýazweliýew
**Edebi işgärler:** J.Öwezowa, A.Atajykowa
**Fotohabarçylar:** M.Narmedow, B.Ýazmyradow
**Korrektorlar:** G.Egirjäýewa, A.Döwletowa.

**Redaksion geňeşiň agzalary:**
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, W.Kadyrow, R.Bäşimow, B.Saryýew, T.Gutlyýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, A.Jumagulyýew, M.Gandymowa, A.Omarowa, M.Orazowa, P.Çaryýew, O.Hemzäýew, T.Döwletowa, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa, A.Nazarowa.

**Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda hem-de iirmfa.nesil.edu.tm sanly bilim portalynda ýerleşdirilýär.**

**Email:**
yashdiplomathgi@gmail.com